# TÜRKMENISTANYŇ KODEKSI
# ADMINISTRATIW HUKUK BOZULMALARY HAKYNDA
# (29.08.2013)

## 65-nji madda. Jemgyýetçilik birleşiginiň işini guramagyň tertibiniň bozulmagy

1. Jemgyýetçilik birleşigini döwlet belligine aldyrmakdan boýun gaçyrylmagy, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan jemgyýetçilik birleşiginiň, şonuň ýaly-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň işine ýolbaşçylyk edilmegi ýa-da onuň işine gatnaşylmagy -

binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan jemgyýetçilik birleşikleri, şonuň ýaly-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşikleri barada bulara salgylanmazdan maglumatlary ýaýratmagyň tertibiniň bozulmagy -

binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşiginiň, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan ýa-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň maliýeleşdirilmegi -

maliýe serişdelerini muzdsuz alyp ýa-da alman, binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

4. Jemgyýetçilik birleşigi, şol sanda döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşigi ýa-da olaryň agzalary ýa-da gatnaşyjylary tarapyndan daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslaryndan maliýe, maddy we beýleki kömegi bellige almagyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertibiniň bozulyp, şeýle kömegiň alynmagy -

maliýe, maddy we beýleki serişdeleri muzdsuz alyp, fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara - bäşisinden onusyna, ýuridik şahslara binýatlyk mukdaryň ellisinden ýüzüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

5. Jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk işleriň amala aşyrylmagy, şonuň ýaly-da gadagan edilen hereketleriň edilmegi ýa-da gadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň

hereket etmegi ýa-da onuň adyndan haýsydyr bir hereketiň amala aşyrylmagy -

fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara - binýatlyk mukdaryň bäşisine, ýuridik şahslara - binýatlyk mukdaryň onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna ýa-da ýuridik şahslaryň alty aýa çenli möhlete administratiw taýdan işiniň togtadylmagyna eltýär.